**Moskwanyň we ähli Rusuň Patriarhy KIRILLIŇ**
**arhipastyrlara, ruhanylara, diakonlara, monahlyk edýänlere we**
**Rus Prawoslaw Buthanasynyň ähli wepadar perzentlerine**
**Roždestwo ýüzlenmesi**

**Hudanyň mähirine mynasyp arhipastyrlar, akýürekli preswiterler we diakonlar, hudaýa tagzym edýän inoklar, gadyrly doganlar we uýalar!**

Siziň hemmäňizi Hudaýymyz Iisus Hristosyň Roždestwosy beýik we dünýäni halas ediji baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýaryn.

Häzirki wagtda hem, hut mundan iki müň ýyl öň wifleýem çopanlary ýaly, biz perişde sesine şatlyk we mähir bilen diň salýarys: “*Arşda Hudany ýalkaýarys, ýerde parahatçylygy, adamlara bolsa hoşniýetliligi dileýäris*” (Lk. 2, 14). Şeýle ajaýyp sözleri eşideniňde biziň kalbymyza rahatlyk aralaşýar we Ýaradana minnetdarlykdan püre-pür dolýar. Älemiň Taňrysy, *Gujurly Hudaý we Müdimiligiň Atasy* (Is. 9, 6) biziň ýanymyza gelýär we dünýä ýönekeý adam sypatynda dogulýar. Diniň jarçysy patyşanyň weliligi amala aşýar, ýagny ol Keramatly Ruh arkaly şulary jar edýär: *ýagşylyk we hakykat biri-birisi bilen duşuşar, dogruçyllyk we parahatlyk biri-birine gujagyna alar; hakykat ýerden şuglasyny saçar we dogruçyllyk arşdan peýda bolar* (Ps. 84, 11-12). *Ine-de, şol aýdylanlar amala aşdy: Körpejik biziň üçin doguldy – Ogul biziň üçin berildi* (Is. 9,6), *oňa her bir ynanýan gurban bolman, müdimilik ýaşamalydyr* (In 3, 16).

Taryhyň dowamynda adamzat uly yhlas bilen Hudanyň gözleginde bolupdyr, ol Ýaradan bilen ýitiren söhbetdeşligine zar bolupdyr. Onuň şeýle tagallalaryna, al-arşa uzalan ýürege we gollara jogap hökmünde Taňry adam aslyýetine öz mähremligini görkezipdir we Hut özi halas ediji elini beripdir. Ahyry hem, köp müňýyllyklardan soň Iisus Hristiň bir özünde Hudaý we adam duşuşypdyr, asman we ýer jisimleri birleşipdir, Adamyň ogullarynyň we gyzlarynyň ruhy arzuwlary hasyl bolupdyr.

Hristosyň Roždestwosy wakasynda biz şol bir wagtyň özünde Gizlinlik hem, Beýik Açyş hem jemlenýär, munuň sebäbi adamlar heniz hem Ýaradanyň we Älemiň Taslaýjysynyň, öz Tebigaty boýunça deňi-taýsy Hudanyň biziň günäden ejir çekýän dünýämize gelmegine hem-de çopanlaryň we mallaryň ýaramaz howadan duwlanan dag gowagynda doglan gowuşgynsyz Körpejik hökmünde özüni görkezýändigine soňuna çenli aň ýetirip bilmeýärler. Dag güýji bilen aýan bolan, gündogar akyldarlarynyň wasp eden we ýönekeý çopanlaryň şaýatlyk eden Şan-u-Şöhrat ýeriň ähli künjeklerinde hemmeler üçin jar edilýär. Bularyň barysy bize Taňrynyň soňuna çykyp bolmaýan akyl-paýhasynyň çuňlugyny açyp görkezýär, adamyň halas boluşy hakynda Üç görnüşli hudaýyň gizlin hakykatyna bizi şaýat edýär.

Şu günki gün biz açyk bilýäris: *Hudaý dünýämize öz uly mähriniň bolandygy üçin bize Ýeke-täk doglan Ogluny berdi we Onuň kömegi bilen dünýämizi halas etmek isledi* (In. 3, 16-17). Indi bolsa, *din arkaly günämizi ýuwmak bilen, biz Hudaýymyz Iiusus Hrist arkaly biz Hudaýly dünýäniň eýesi bolup durýarys, onuň kömegi bilen biz şu gün eşretimize eýe bolduk we Taňrynyň Şöhratyna ynam baglaýarys, ... çünki Hudanyň mähri biziň ýüreklerimize bize berlen Keramatly Ruh bolup ornaşdy* (Rim. 5, 1-2; 5).

Ýuwaşja we mylaýym Çagajygyň ýatan sadaja sallançagynyň üstünden uly hormat bilen tagzym egeliň. Biçak uly gorky we galpyldy bilen tagzym egeliň, çünki şu ýerde Iisus Taňrynyň haçly ýoly başlaýar, hut şu ýerde biziň halas bolmagymyz başlanýar. Tagzym edeliň we Müdimi Atanyň Doglan Ogluny alkyşlamak bilen, biziň kalbymyza gaplan, söz bilen aýdyp bolmaýan we islendik aň-düşünjä boýun bolmaýan parahatlykdan lezzet alalyň.

*“Arşda Hudany ýalkaýarys, ýerde parahatçylygy, adamlara bolsa hoşniýetliligi dileýäris!”* – biz zol-zol perişdeler horunyň yzyndan gaýtalaýarys. Halas edijiniň dogulan wagtynda ýüze çykan Hudanyň Mähri adamlara hakyky parahatçylygy getirýär. Şeýle parahatçylygy durmuş nogsanlyklary, sosial sarsgynlary, syýasy ahwallar we hatda ýaragly dartgynlyklar sarsdyryp bilmez, çünki *Hristiň dünýäsinde islendik ýer hasratyndan we belasyndan üstün çykýan ruhy güýç ýaşaýar* (ker. Ignatiý (Brýançaninow). Asketiki tejribeler).

Eýsem parahatçylykly gurluşy bolan kalby neneňsi dolandyryp bolar? Şeýle beýik ruhy peşgeşiň eýesi bolmak mümkinmi? Keramatly atalarymyz bu barada birmeňzeş pikiri aýdýarlar: adamda Hristiň dünýäsiniň bolmagy onuň Ýewangel wesýetlerine eýermeginiň möhüm alamatydyr. Äpetlerden iň Beýigi Paweliň ündeýşi ýaly, *iň gowusy mähremlige eýe bolmalydyr, ol kämilligiň jemidir.* Apostolyň aýdyşy ýaly, *diňe şonda biziň kalplarymyzy Hudanyň dünýäsi gaplar, biziň maksadymyz hem şundadyr* (Kol. 3, 14-15).

Hudaý özüne hoşniýetli adamlary gözleýär – olar Onuň kanunyna eýermelidirler, ýakyn-u-ýatlaryna halas bolýandygyna şaýatlyk etmelidirler hem-de *öz ajaýyp dünýäsine bizi tümlükden Çagyranyň kämillikleri barada jar etmelidirler* (1 Pet. 2,9).

Şular ýaly belent mynasyp bolalyň. Şonuň üçin hem, *dag gowagynda Hristiň ajaýyp Roždestwosyny görenler, parahatçylykdan däl-de, netijesiz gaýma-gaýmalaşykdan gaça duralyň* (Hrist Roždestwosyna akafistiň 8-nji kondaky), pikirimizde arşa galyp, bar-u-ýogy Ýaradana alkyşlar aýdalyň, daş-töweregimizdäkiler, özi barada alada edilmegine mätäçler, hasrat çekýänler we kyn ýagdaýlara düşenler bilen Adam tenine geçen Halasgär barada şatlygymyz bilen paýlaşaly.

Hudaý biziň ählimizi hristian durmuşynyň köp ejirli ýollarynda hyjuwlandyrýar, biziň ynanjymyzyň has-da berkemegini, ynamyň bolsa hiç wagt egsilmezligini we söýgümiziň artmagyny isleýär; ýagty Roždestwo baýramçylygynyň bosagasyndan aýak basanymyzda *dinçiligiň gizlinligi barada habary* jar etmegimizi (1 Tim.3, 16), adamlara rahatlyk we Hristiň bagtyýar dünýäsini getirmegimizi isleýär. Amin.

MOSKWANYŇ WE ÄHLI RUSSIÝANYŇ PATRIARHY

*Messihiň Doglan Güni*
*2018/2019 ý.*
*Moskwa*